# Narkotiki katastrofa

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Narkotiki katastrofa NARKOTIKI KATASTROFA




Metbugatda her gün ortaça 950-900 makala çap bolýar.
Ýurduñ atly-owazaly eli ruçka tutýanlary, köpbilmişleri we intellektuallary her gün syýasatdyr ownuk syýasy analizlerden ýaña ýurduñ esasy problemalaryna üns bermäge wagt tapanoklar. «Sokuda suw owmak» göwünlerine ýaraýar.
Şol günüñ, şol hepdäñ jedelli temasy näme bolsa, biri-birine meñzeş duzsuz-tagamsyz ýazgylary ýazýarlar.
Asyl gozgalmaly meseleler bolsa, köplenç ýatlaryna-da düşmeýär, ýatlaryna düşäýende-de peýdalaryna däl.
Ýurduñ iñ möhüm meselelerinden biri, belki-de, iñ başyny çekýäni narkotik belasy.
Narkotiki serişdeleriñ ulanşygy mekdep okuwçylaryna çenli ýaýrapdyr.
Liseýdir ýokary okuw jaýlarynyñ ýagdaýy-ha ýetjek derejesine ýetipdir.
Ýagdaý şeýle bir derejä gelipdir welin, marihuana dagy indi narkotiki serişde hasap edilenok! Çilimden enaýy görlenok.
Öl ýa gury görnüşde näçe diýseñ bar.




Kimi gürletseñ dertli. Aýratynam kämillik ýaşyna gadam basyp barýan çagalary bolan maşgalalar näme etjeklerini bilenoklar.
Gynansak-da, öýde berilýän terbiýe we soňky awtokontrol ýeterlik bolanok.
Gynansak-da, şu günüñ jemgyýetinde çagalar köçeleriñ we sosial mediýanyñ bendisine öwrüldi.
Okuw jaýlary diýseñiz, bilim sistemasy doly diýen ýaly çöken ýagdaýda. Bilim-terbiýe ýok!
Şowakörlik, dar pikirlilik we köpisi gereksiz informasiýalary öwrenmek arkaly hemme zada añ ediljek bolunýar, onuñam netijesi ortada.
Ýokary okuw jaýlaryna giriş ekzamenlerinde her ýyl bir milliona golaý okuwçy nol baha alýar.
Çagalaryna eýe çykyp bilmeýän jemgyýetiñ gelejegi bibat, munuñ lamy-jimi ýok.
Bizem münüpdiris bir alamata, gidip barýas kyýamata.
Ýigrimi ýyllyk AKP häkimiýetiniñ birnäçe artykmaçlygy we kemçiligi bar.
Ýöne gynansak-da, bilim-terbiýe we narkotiki görkeziji juda ýaramaz. Geñ ýeri, iñ az gürrüñi edilýänem, iñ az tankydy edilýän mesele-de şu.

Oppozisiýa-da bu meseläni görmezlige salýar. Çakymyzdan, has möhüm işleri bara meňzeýär!




Merhum Mahir Kaýnak «Dünýäde gizlin gulluklaryň gözegçiliginiň daşynda ýeke narkotiki söwdanyň bardygyny aýtmak mümkin däl» diýýärdi.
Milli Howpsuzlyk gullugy we Içeri işler müdirligi narkotiki serişdeleriň dolanşygy boýunça kanagatlandyryjy beýanatlary bermäge borçludyr.
Mekdep okuwçylary narkotiki serişdeleri satýanlary tapýarlar-da, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri nädip tapanoklar, bir-ä bulary bize düşündirmeli bolar.
Ultradünýewi ýüzler «AKP ýurdy şerigat režimine tarap äkidýär» diýip şerraýlabersinler!
Ýigrimi ýylyň ahyrynda ýeten sepgidimiz – aglabasy narkotiki serişdelere mübtela, deist, nadan nesil bolmaly-ha däldi.
Haýp!
Altan TAN.

Anna, 28.10.2022 ý. Publisistika